MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com | ATAVATAN TÜRKMENISTAN | OKTÝABR AÝYNYŇ 11-i, 2025. №39

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINE "TÜRKMENISTANYŇ AT GAZANAN ARHITEKTORY" DIÝEN HORMATLY ADY DAKYLDY



Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berildi. Milli parlamentiň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly ady dakmak hakynda Mejlisiň kararyny okady. Kararda bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen hem-de hut özüniň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny we bu ugurda kabul edilen milli maksatnamalary durmuşa geçirmek boýunça bimöçber işler alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň dakylmagyny uly sylag hökmünde kabul edýändigini aýtdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz özüne bu sylagyň gowşurylmagynyň ata Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda mundan beýläk-de yhlas bilen tutanýerli işlemäge borçly edýändigini belledi we pursatdan peýdalanyp, berlen şeýle ýokary baha üçin mähriban halkymyza tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

### MALIÝE BAZARYNY ÖSDÜRMEGIŇ STRATEGIÝASY KABUL EDILDI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça «Türkmenistanda 2030-njy ýyla çenli maliýe bazaryny ösdürmegiň Strategiýasyny» taýýarlamak boýunça geçirilen işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu resminama türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen mejlisinde öňde goýan wezipelerine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy. Strategiýada ýurdumyzda maliýe bazaryny ösdürmegiň maksatlary, wezipeleri, esasy ugurlary we ony durmuşa geçirmekden garaşylýan netijeler beýan edilýär.

### TÄZE MÖHÜM DESGALAR ULANMAGA BERLER

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününe görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, bu hünär baýramçylygy mynasybetli «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergini we maslahaty geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem şanly senä gabatlanyp, Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda kuwwatlylygy gije-gündizde 20 müň kub metr bolan agyz suw arassalaýjy desganyň, Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň açylyş dabaralaryny, Türkmenbaşy etrabynda ýylda 1 million 155 müň tonna karbamid öndürýän toplumyň, Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy – Garabogaz bölegini dübbüni tutmak dabaralaryny geçirmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen bir hatarda, toplumyň zähmetde tapawutlanan işgärlerine hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlary gowşurmak dabarasy we beýleki medeni çäreler guralar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklipleri hödürledi.

*Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.*

### MEDENI DIPLOMATIÝANYŇ TÄZE STRATEGIÝASY KABUL EDILDI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa «Türkmenistanyň medeni diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň taslamasy barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, Strategiýanyň esasy maksady ýurdumyzyň medeni diplomatiýasyny ösdürmekden, milli medeni mirasymyzyň, atababalarymyzdan gözbaş alýan ajaýyp däp-dessurlarymyzyň halkara derejede ykrar edilmegini, millilige ýugrulan, kämillige gönükdirilen ýol-ýörelgelerimiziň mynasyp wagyz edilmegini, döwletleriň arasynda uzak möhletleýin gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Strategiýa halklary jebisleşdirmekde we dostlaşdyrmakda medeniýetiň täsirini artdyryp, medeni diplomatiýanyň ornuny pugtalandyrmakda uly ähmiýete eýe bolar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

### TÄZE SAGLYK MERKEZLERINIŇ DÜÝBI TUTULAR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hünär baýramçylygy mynasybetli «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergini we ylmy maslahaty ýokary derejede geçirmek, täze saglygy goraýyş desgalaryny dabaraly ýagdaýda ulanmaga bermek bilen baglanyşykly guramaçylyk işleri alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynda döwrebap saglyk öýüniň, 300 orunlyk Mary welaýat inçekesel hassahanasynyň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilmeginiň meýilleşdirilýändigi aýdyldy. Wise-premýer Aşgabat şäherinde 500 orunlyk köpugurly hassahanany we Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk etrabara köpugurly hassahanany, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde 400 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezini gurmak hakynda, şeýle hem saglygy goraýyş işgärlerini döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakynda degişli resminamalaryň taslamalarynyň taýýarlanylandygy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Aşgabat şäherinde 500 orunlyk köpugurly hassahanany, Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk etrabara köpugurly hassahanany, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde 400 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezini gurmak hakynda, şeýle-de aýratyn tapawutlanan saglygy goraýyş işgärlerini döwlet sylaglary bilen sylaglamak barada degişli resminamalara gol çekdi.

### TÜRKMENISTAN HALKARA GURAMALARYŇ ÝANYNDA HEMIŞELIK WEKILHANALAR AÇAR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek, halkara hyzmatdaşlygyň şertnama-hukuk binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Halkara guramalaryň ýanyndaky Türkmenistanyň hemişelik wekilhanalary hakynda Düzgünnamanyň taslamasy hödürlenildi.

Häzirki wagtda Türkmenistan halkara guramalaryň 54-siniň agzasy bolup durýar. Şolaryň 19-synda Türkmenistanyň hemişelik wekilleri resmi taýdan bellenildi.

Türkmenistanyň halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalarynyň işiniň şertnama-hukuk binýadyny pugtalandyrmak maksady bilen, ýokarda agzalan Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy. Bu resminama Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we ugurdaş kanunlaryň, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalarynyň esasynda taýýarlanylyp, halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge we giňeltmäge ýardam bermäge, ýurdumyzyň olaryň çäklerindäki işlerini utgaşdyrmaga gönükdirilendir.

### SANLY YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEGIŇ TÄZE KONSEPSIÝASY KABUL EDILDI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, innowasion tehnologiýalary döwrüň talaplaryna laýyklykda önümçilige ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, «Türkmenistanda 2026 – 2028-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» taslamasy işlenip taýýarlanyldy. Konsepsiýanyň esasy maksady sanly infrastrukturany ösdürmekden, döwlet edaralarynyň, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň netijeli ösmegi üçin amatly şertleri döretmekden, öňdebaryjy önümçilik tehnologiýalaryny dolanyşyga we kanunçylyga ornaşdyrmak arkaly ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Konsepsiýada halkara standartlara, milli bähbitlere laýyklykda, sanly ykdysadyýet babatda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, elektron hökümet ulgamyny, sanly bilim we ylym ulgamyny, sanly lukmançylygy, maliýe tehnologiýalaryny ösdürmek, maglumat geçiriş torlaryny döwrebaplaşdyrmak, halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, maýa goýumlary çekmek göz öňünde tutulýar.

## Türkmenistanyň Azerbaýjanda gurjak metjidiniň düýbi teleköpri arkaly tutuldy



Azerbaýjanyň Gabala şäherinde Türki Döwletleriň Guramasynyň XII sammiti geçirildi. Sammitiň yzysüre, wekiliýet Baştutanlarynyň ählisi bilelikde teleköpri arkaly Türkmenistan tarapyndan Azerbaýjana sowgat hökmünde Fizuli şäherinde guruljak metjidiň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdylar. ●3

## Lukmançylyk boýunça Nobel baýragynyň ýeňijileri belli boldy




Lukmançylyk we fiziologiýa boýunça Nobel baýragy amerikaly alymlar Meri Brunkowa, Fred Ramsdella we ýaponiýaly alym Şimon Sakaguça immun ulgamy boýunça geçiren barlaglary üçin berildi. ●5

## Bolliwudyň super ýyldyzy Şahruh Han milliarderler klubuna goşuldy



Bolliwudyň super ýyldyzy Şahruh Han "Hurun India Rich List 2025" sanawyna görä, takmynan $1.4 milliard dollar baýlygy bilen Hindistanyň iň baý sungat işgäri bolup, milliarderler klubuna goşuldy. ●6

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI "MERKEZI AZIÝA – RUSSIÝA" IKINJI SAMMITINE GATNAŞDY



Merkezi Aziýa döwletleri bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk sebit syýasatynyň okgunly ösýän we strategik ähmiýetli ugurlarynyň biridir. Berk taryhy-medeni, ykdysady gatnaşyklara esaslanýan bu hyzmatdaşlyk syýasat, ykdysadyýet, energetika, ulag, ylym-bilim ýaly ulgamlary öz içine alýar.

Russiýa bilen Türkmenistanyň arasynda ikitaraplaýyn gatnaşyklar okgunly ösdürilip, strategik hyzmatdaşlyk derejesine çykaryldy. Munuň özi taraplaryň hyzmatdaşlygy ähli ulgamlarda pugtalandyrmaga özara gyzyklanma bildirýändiklerini tassyklaýar. Ykdysady hyzmatdaşlyk Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Russiýanyň arasyndaky özara bähbitli gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň biridir. Russiýa sebitiň ýurtlarynyň iri söwda hyzmatdaşydyr. Özara haryt dolanyşygynyň düzüminde çig maldan başga-da, senagat harytlary, oba hojalyk, nebithimiýa, metallurgiýa önümleri agdyklyk edýär. Munuň özi ykdysady hyzmatdaşlygyň köpugurly häsiýetine şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiz "Merkezi Aziýa – Russiýa" sammitiniň geçirilýän ýerine – Kabul edişlikler köşgüne bardy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon mähirli garşylady. Sammite gatnaşýan döwlet Baştutanlarynyň bilelikdäki resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, "Merkezi Aziýa – Russiýa" formatynda ky ýokary derejeli duşuşyk geçirildi. Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň başlyklyk etmeginde geçirilen duşuşyga Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň Prezidentleri hem gatnaşdylar.

*Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Täjigistan Respublikasynyň paýtagty Duşenbe şäherinde "Merkezi Aziýa – Russiýa" ikinji sammitine gatnaşdy.*

Prezident Emomali Rahmon sammite gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip, Täjigistana gelendikleri üçin hoşallygyny beýan etdi hem-de şu günki ýokary derejedäki duşuşygyň alytaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze dereje çykarjakdygyna ynam bildirdi. Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow, ilki bilen, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmona bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, Merkezi Aziýanyň we Russiýanyň döwlet Baştutanlarynyň şu gezekki ikinji duşuşygynyň geçirilmeginiň şeýle formatdaky hyzmatdaşlygyň yzygiderli esasa geçýändigini görkezýändigini belledi. Munuň özi kanunalaýykdyr. Merkezi Aziýa we Russiýa diňe bir giň geografik giňişligi emele getirmek bilen çäklenmän, eýsem, köpasyrlyk taryhy, syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklar bilen hem baglanyşandyr. Hut şeýle şertleriň jemi biziň hyzmatdaşlygymyzyň mümkinçiliklerini häzirki wagtda, şeýle hem uzak möhletleýin geljekde ugurlaryň giň gerimi boýunça ösdürmek üçin berk esas bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Türkmenistan Hazar deňziniň gündogar kenarýakasynyň ugry boýunça Demirgazyk – Günorta halkara ulag geçelgesiniň döredilmeginiň uly mümkinçilikleri açjakdygyna ynanýar. Bu ulag geçelgesi ähli gatnaşyjylara uly peýda getirer. Şol bir wagtyň özünde oňa iri Ýewraziýa ulag taslamasynyň bir bölegi hökmünde seretmek zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady we Hazar deňziniň üsti arkaly Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Russiýanyň arasynda göni ulag gatnawlaryny ýola goýmak üçin Hazar ulag-logistika merkeziniň ähmiýetine ünsi çekdi. Türkmenistan şu maksatlar üçin Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň mümkinçilikleriniň ulanylmagyny ara alyp maslahatlaşmaga taýýardyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň ähmiýeti barada aýdyp, şunda ýurdumyzyň elektroenergetika aýratyn üns berýändigini belledi. Şunda hormatly Prezidentimiz döwletlerimiziň çägi boýunça elektrik energiýasyny ibermek, şeýle hem goňşy ýurtlara we sebitlere, ilkinji nobatda, günorta ugra çykmak meselesine seretmegi teklip etdi. Türkmenistan gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanmak babatda-da has ýakyn hyzmatdaşlyga taýýardyr. Döwlet Baştutanymyz şu barada aýdyp, ýurtlarymyzyň bilelikde toplan, şeýle-de täze tejribeleriniň, ylmy-tehniki gazananlarynyň esasynda birek-birege teklip edip biljek zatlarynyň bardygyna ynam bildirdi.

Merkezi Aziýa bilen Russiýanyň arasynda ynsanperwer, ylym-bilim gatnaşyklarynyň ösdürilmegi möhüm bolup durýar. Bu gatnaşyklar hyzmatdaşlygymyzy pugtalandyrýar, geljek üçin berk esas döredýär, ýurtlarymyzyň halklarynda, şol sanda ýaşlarda birek-birege hormat goýmagy terbiýeleýär. Biz bu oňyn meýilleri goldamalydyrys we höweslendirmelidiris diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we Türkmenistanyň hyzmatdaşlyga taýýardygyny hem-de "Merkezi Aziýa – Russiýa" ýaly hyzmatdaşlyk formatynyň möhümdigine, onuň uly kuwwatynyň bardygyna berk ynanýandygyny tassyklady.Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon döwlet Baştutanymyza çuň manyly çykyşy üçin hoşallyk bildirip, çykyşda beýan edilen teklipleriň ähmiýetini belledi.

# MERKEZI AZIÝA WE RUSSIÝA: ykdysady hyzmatdaşlygyň esasy görkezijileri




Täjigistanyň paýtagty Duşanbe şäherinde «Merkezi Aziýa – Russiýa» ikinji Sammiti geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hem gatnaşdy. Şeýle hem sammite – Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem-de Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmon gatnaşdy.

Russiýanyň Merkezi Aziýadaky ykdysady gyzyklanmalary giň we köpugurlydyr. Munuň sebäbi – dürli ugurlarda taryhy taýdan emele gelen ýakyn gatnaşyklarynyň bolmagy hem-de sebit ýurtlarynyň demografik we ykdysady mümkinçilikleriniň artmagydyr.

### GAZAGYSTAN – RUSSIÝA
*Özara söwda möçberi – 27 milliard dollar*

2024-nji ýylda Gazagystan bilen Russiýanyň arasyndaky söwda dolanyşygy 27,8 milliard dollara deň boldy, bu bolsa geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 3% köp. Esasy ösüş sebäbi – Russiýadan importyň 8% ýokarlanmagydyr.

Russiýanyň paýy Gazagystanyň daşary söwda dolanyşygynda 20%-e ýetdi (2023 – 19%). Russiýanyň Gazagystanyň importyndaky paýy 28%-den 31%-e çenli artdy, eksportdaky paýy bolsa 13%-den 12%-e çenli azaldy. Şu ýyl Russiýa we Gazagystan Merkezi Aziýada ilkinji atom elektrik stansiýasyny gurmaga girişdiler. Stansiýanyň işe girizilmegi 2035–2036-njy ýyllar üçin meýilleşdirilýär, taslamanyň bahasy 14–15 milliard dollar aralygynda.

Senagat hyzmatdaşlygy ösdürilýär – häzirki wagtda 33 milliard dollarlyk 75 taslama durmuşa geçirilýär.

### ÖZBEGISTAN – RUSSIÝA
*Söwda, maýa goýum we atom energiýasy*

2025-nji ýylyň ýanwar–awgust aýlarynyň netijeleri boýunça Özbegistanyň umumy daşary söwda dolanyşygy 51,4 milliard dollar boldy, onuň 12,5%-i Russiýa degişli. Şol döwürde Russiýa eksport 2,8 milliard dollar, import bolsa 5,4 milliard dollar bolup, bu 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 509 mln dollar, 2023-nji ýyl bilen deňeşdirilende bolsa 2,1 milliard dollar köpdür.

2025-nji ýylyň iýul aýyna çenli Özbegistanda daşary ýurtly maýadarlaryň gatnaşmagynda 16 685 kärhana işläp dur, olaryň 3 000-den gowragy – Russiýanyň gatnaşmagyndaky kompaniýalardyr. Soňky üç ýylda olaryň sany 8% artdy.

2024-nji ýylda Russiýadan 5 milliard dollar göni maýa goýum çekildi. Iki ýurduň umumy taslama bukjasy 60 milliard dollar bilen bahalandyrylýar. "Gazprom", "Lukoýl", "Tatneft" ýaly öňdebaryjy kompaniýalar Özbegistanda iri infrastruktura we önümçilik taslamalaryny amala aşyrýarlar.

### TÄJIGISTAN – RUSSIÝA
*Russiýa – esasy söwda hyzmatdaşydyr*

2024-nji ýylda Täjigistan bilen Russiýanyň arasyndaky söwda dolanyşygy 1,981 milliard dollar boldy, Russiýa Täjigistanyň daşary söwda dolanyşygynda 22,1% paý bilen birinji orny eýeledi. 2025-nji ýylyň ilkinji sekiz aýynda söwda möçberi 1,44 milliard dollar bolup, bu Täjigistanyň daşary söwdasynyň 21,4%-ine deňdir.

Täjigistanyň Russiýa eksporty – 73 mln dollar (eksportyň 4,5%-i), Russiýadan import – 1,368 milliard dollar (importyň 26,8%-i).

Russiýada takmynan 1,2 million täjik raýaty işleýär, bu bolsa RF-däki ähli daşary ýurtly işçileriň 16%-ine barabar. Täjigistanyň raýatlary iki ýurduň ykdysadyýetine hem möhüm goşant berýärler.

### GYRGYZYSTAN – RUSSIÝA
*Esasy söwda-ykdysady hyzmatdaş*

Russiýa Gyrgyzystanyň esasy söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biridir we ýurduň daşary söwdasynyň takmynan 22%-ini tutýar. 2024-nji ýylda ýurtlaryň arasyndaky söwda dolanyşygy 3,5 milliard dollardan geçdi. 2025-nji ýylyň ilkinji ýarymynda bu görkeziji 1,7 milliard dollara ýetdi.

Iki ýurduň ýolbaşçylary söwda dolanyşygyny 5 milliard dollara çenli ýetirmegi maksat edinýärler. Daşary söwda hasaplaşyklarynyň 95%-den gowragy milli walýutalarda amala aşyrylýar.

### TÜRKMENISTAN – RUSSIÝA
*Söwda dolanyşygy 58% ýokarlandy*

Russiýa bilen Türkmenistanyň ýyllyk söwda dolanyşygy 1,6 milliard dollardan geçýär, 2025-nji ýylyň ilkinji ýarymynda bu görkeziji 58% ýokarlandy. Şu depginde dowam etse, ýylyň ahyryna çenli söwda 2,5 milliard dollardan hem geçip biler.

Russiýa bilen hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary – nebit-gaz senagaty, ulag we logistika, gämi gurluşygy. Türkmenistanda Russiýanyň gatnaşmagyndaky 200-e golaý kärhana işleýär, şol sanda "Gazprom", "Tatneft" we beýleki iri kompaniýalar bar. Russiýanyň demirýol edarasy bilen bilelikde demir ýol we deňiz ulaglary boýunça taslamalar amala aşyrylýar.

Gelejekde türkmen kompaniýalarynyň Astrahan şäherindäki "Lotus" aýratyn ykdysady zolagynyň işine gatnaşmagy meýilleşdirilýär, bu bolsa senagat hyzmatdaşlygyny we özara söwdany giňeltmäge mümkinçilik berer.

Sebitara gatnaşyklary hem işjeň ösýär – Russiýanyň 60 töweregi sebiti (Sankt-Peterburg, Tatarstan, Astrahan oblasty we beýlekiler) bilen hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Şeýle hem senagat kooperasiýasy çäginde iri taslamalar durmuşa geçirilýär.

Ynsanperwer ulgamda Russiýada 30 müňden gowrak türkmen talyby okaýar, Aşgabadyň özünde bolsa A. S. Puşkin adyndaky bilelikdäki türkmen-rus mekdebi hereket edýär.




# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERINIŇ AZERBAÝJAN RESPUBLIKASYNA IŞ SAPARY

*Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XII sammitine gatnaşmak maksady bilen, Azerbaýjan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.*

Bu saparyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz sammitiň geçýän ýerine – Geýdar Aliýew kongres merkezine geldi. Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew mähirli garşylady. Sammite gatnaşýan wekiliýet Baştutanlarynyň resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi.

Prezident Ilham Aliýew sammite gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip gelendikleri üçin hoşallyk bildirdi hem-de umumy taryhy, dili, medeniýeti, ruhy-ahlak gymmatlyklary bolan halklaryň arasynda raýdaşlygy pugtalandyrmakda Türki Döwletleriň Guramasynyň ähmiýetini belledi. Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow, ilki bilen, Türki Döwletleriň Guramasynyň şu günki ýokary derejeli duşuşygyna gatnaşmaga çakylygy hem-de myhmansöýerlik üçin Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewe tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, bu guramanyň umumy taryha, medeniýete, ruhy mirasa we dile esaslanýan dostlukly halklarymyzyň halkara guramasy bolup durýandygyny nygtady.

Gahryman Arkadagymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigini belledi hem-de sammite gatnaşyjylary bu şanly sene we Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma çagyrdy.

Milli Liderimiz çykyşynda Türkmenistanyň Türki Döwletleriň Guramasyna girýän ýurtlar bilen köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini belledi. Ynsanperwer ugurda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk halklarymyzyň özboluşly milli aýratynlyklaryny we ruhy gymmatlyklaryny gorap saklamakda, ony kämilleşdirmekde, dünýä tanatmakda uly ähmiýete eýedir diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy we bilelikdäki medeni-köpçülik çärelerini guramak boýunça işleri güýçlendirmegi teklip etdi. Şunda, hususan-da, Medeniýet günlerini, teatr çykyşlaryny, dürli sergileri, kino günlerini geçirmek boýunça uly we köp işleriň durmuşa geçirilýändigi bellenilip, ýurtlarymyzyň bu ugurda gazanan baý tejribesini dowam etdirmegiň maksadalaýyk boljakdygyna üns çekildi.

Nygtalyşy ýaly, ylym we bilim ulgamynda akademiki alyşmalary giňeltmäge, talyp haky maksatnamalaryny ýola goýmaga, halklarymyzyň taryhyny we medeni mirasyny öwrenmek boýunça bilelikdäki işleri alyp barmaga hem aýratyn ähmiýet berilmegi zerurdyr. Sport we bedenterbiýe babatda bolsa ýurtlarymyzyň arasynda halkara ýaryşlary, türgenleşik çärelerini geçirmegi, ýaşlaryň arasynda fiziki işjeňligi wagyz edýän maksatnamalary amala aşyrmagy ýerlikli hasaplaýarys diýip, Milli Liderimiz aýtdy we ýokarda beýan edilen asylly maksatlara ýetmek, ata-babalarymyzyň dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek baradaky wesýetlerine eýerip, öňde duran möhüm wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Türki Döwletleriň Guramasyna girýän ähli döwletler bilen has önjeýli we ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge hemişe taýýardygyny tassyklady.

Sammit tamamlanandan soňra, wekiliýet Baştutanlary sanly ulgam arkaly Türkmenistan tarapyndan Azerbaýjana sowgat hökmünde Fizuli şäherinde guruljak metjidiň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdylar.




# TÜRKMENISTANYŇ AZERBAÝJANDA GURJAK METJIDINIŇ DÜÝBI TELEKÖPRI ARKALY TUTULDY

Azerbaýjanyň Gabala şäherinde Türki Döwletleriň Guramasynyň XII sammiti geçirildi. Sammitiň yzysüre, wekiliýet Baştutanlarynyň ählisi bilelikde teleköpri arkaly Türkmenistan tarapyndan Azerbaýjana sowgat hökmünde Fizuli şäherinde guruljak metjidiň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdylar.



Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew dabarany açyk diýip yglan edip, Türkmenistan tarapyndan Azerbaýjana sowgat hökmünde metjidiň gurulýandygy üçin hoşallyk sözleri bilen çykyş etdi. Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow söz sözläp, Fizuli şäherinde guruljak metjidiň türkmen-azerbaýjan dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmekde uly ähmiýete eýe boljakdygyny belledi. Dabara metjidiň düýbüniň tutuljak ýerinden göni wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly gatnaşan Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň müftüleri Gurhandan aýat-doga okap, ýagşy dilegleri etdiler.



Metjidiň umumy meýdany 1 gektardan gowrak bolar. Beýikligi 40 metr bolan 2 sany minara gurlar. Esasy gümmeziniň beýikligi 30 metr bolup, bu ýerde bir wagtda 500 adam namaz okamak mümkinçiligine eýe bolar.

Bu metjit "Aga-gurluşyk" hususy kärhanasy tarapyndan gurlar.



# Türkmenistan 2026-njy ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna baştutanlyk eder




Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň geçirilýän ýerine – "Kasri Millat" köşgüne bardy. Bu ýerde belent mertebeli türkmen myhmanyny Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti mähirli garşylady. Sammite gatnaşýan wekiliýet Baştutanlarynyň resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi.

Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň baştutanlyk etmeginde geçirilen duşuşyga Azerbaýjan Respublikasynyň, Belarus Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň Prezidentleri, Ermenistan Respublikasynyň Premýer-ministri, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Baş sekretary gatnaşdylar.

Prezident Emomali Rahmon sammite gatnaşyjylary mähirli mübäreklap, mejlise gatnaşyjylara söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň özüni özara hormat goýmak we deňhukukly hyzmatdaşlyk formaty hökmünde görkezýändigini, Arkalaşyga gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda daşary syýasy, ykdysady, söwda, ynsanperwer hem-de beýleki ugurlar boýunça netijeli dialogyň alnyp barylýandygyny belledi.

2026-njy ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna başlyklyk etmegiň Türkmenistana geçýändigi hem-de GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisini geljek ýylyň 9-njy oktýabrynda ýurdumyzda geçirmek baradaky çözgütler yglan edildi.

***Täjigistan Respublikasynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşdy.***

Soňra ýokary derejedäki duşuşyk öz işini giňişleýin düzümde dowam etdi. Täjigistanyň Prezidenti geljek ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk etmegiň Türkmenistana geçýändigini aýdyp, ilki bilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa söz berdi.

Döwlet Baştutanymyz 2026-njy ýylda GDA-da Türkmenistanyň başlyklyk etmegi baradaky kabul edilen çözgüt üçin minnetdarlyk bildirip, munuň ähli agza döwletler tarapyndan Türkmenistana bildirilen hormatyň we ynamyň nyşany, ýurdumyzyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ösüşine goşýan goşandynyň ykrarnamasy hökmünde kabul edilýändigini aýtdy. "Biz bilelikde çözmeli wezipelerimiziň gerimine doly derejede düşünmek bilen, Arkalaşykda başlyklyk wezipesine jogapkärçilikli çemeleşeris. Ýakyn wagtda Türkmenistanyň GDA-daky başlyklygynyň Konsepsiýasy işlenip taýýarlanylar. Onda, biziň pikirimizçe, häzirki wagtda has derwaýys zerurlyklar nazara alnyp, döwletara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň çemeleşmeleri beýan ediler. Resminama diplomatik ýollar arkaly Arkalaşygyň ýurtlaryna öz wagtynda iberiler. Türkmenistanyň bu möhüm wezipä girişmeginiň öňüsyrasynda GDA-nyň mümkinçiliklerini doly derejede durmuşa geçirmek, Arkalaşygyň döwletlerini netijeli ösdürmek, ýurtlarymyzyň halklarynyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin agza döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga hemmetaraplaýyn ýardam bermegi başlyklyk döwründe öz baş maksadymyz hasaplaýandygymyzy aýtmak isleýärin" diýip belledi.

Prezident Emomali Rahmon çykyşy üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, başlyklyk döwründe Türkmenistana üstünlikleri arzuw etdi. Şeýle hem sammitiň çäklerinde Arkalaşygyň şu ýylyň dowamynda alyp baran işleriniň netijeleri seljerildi, geljek ýyl üçin ileri tutulýan wezipeler anyklaşdyryldy, halkara we sebit durmuşynyň derwaýys meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy, birnäçe guramaçylyk meselelerine garaldy. Sammitiň jemleri boýunça birnäçe resminamalar kabul edildi.

Täjigistan Respublikasyna iş saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Duşenbe şäheriniň Halkara howa menziline bardy we şol ýerden Watanymyza ugrady. Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary mähirli garşyladylar.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň "Merkezi Aziýa – Russiýa" sammitine hem-de Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşmagy Türkmenistanyň ähli gyzyklanma bildirýän taraplar bilen köpugurly hyzmatdaşlyga ygrarlydygynyň nobatdaky gezek aýdyň görkezdi. Ýurdumyz umumy meseleler üçin innowasion çözgütleri teklip edip, Arkalaşykda ygtybarly hyzmatdaş hökmünde öz ornuny pugtalandyrmagy dowam etdirýär.

# Putin: Russiýada Merkezi Aziýadan 212 müňe golaý talyp bilim alýar

Täjigistanyň paýtagty Duşanbe şäherinde «Merkezi Aziýa – Russiýa» ikinji Sammiti geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hem gatnaşdy. Şeýle hem sammite – Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem-de Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmon gatnaşdy. Sammitde çykyş eden Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin Russiýa bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň arasyndaky syýasy, söwda-ykdysady hem-de medeni ynsanperwer gatnaşyklar barada beýanat berdi.



Putin Russiýa bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge, özara bähbitli syýasy, ykdysady, ynsanperwer gatnaşyklary çuňlaşdyrmaga berk ygrarlydyklaryny beýan etdi.

– Bu ugurlaryň ählisinde hakykatdanam gowy netijeleri gazanmak eýýäm başartdy. Şeýlelikde, geçen ýylyň netijeleri boýunça Russiýanyň Merkezi Aziýa döwletleri bilen haryt dolanyşygy 45 milliard dollardan geçdi. Umuman aýdanyňda, gowy netije gazanyldy – diýip, Putin belledi.

Wladimir Putiniň bellemegine görä, Russiýa sebitiň ýurtlarynyň ykdysadyýetine maýa goýmakda öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. Rus maýa goýumlarynyň jemi möçberi 20 milliard dollardan gowrak. Sebit döwletlerinde rus maýasy bolan jemi 25 müňe golaý kompaniýa işleýär.

Ynsanperwer aragatnaşyklar hakykatdanam ýokary depginde dowam edýär, diýip bellemek bilen, Wladimir Putin Russiýada Merkezi Aziýa döwletlerinden 212 müňe golaý talyp bilim alýandygyny aýtdy.

Şeýle hem ol sebit ýurtlarynda Russiýanyň 25 sany ýokary okuw mekdebiniň şahamçalarynyň üstünlikli işleýändigini, rus dilinde okadylýan mekdepleriň açylýandygyny belläp geçdi.

# Türkmenistan bilen Gazagystan kino ulgamynda hyzmatdaşlyk eder

Gazagystan Respublikasynyň Milli kino goldaw döwlet merkezi Azerbaýjanyň, Gyrgyzystanyň, Türkmenistanyň, Türkiýäniň we Özbegistanyň kinematografiýa ulgamyndaky döwlet guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ähtnamalar baglaşdy.

Gazagystanyň Medeniýet we maglumat ministrliginiň habar bermegine görä, gol çekişlik dabaralary Aktau şäherinde türk dünýäsi ýurtlarynyň "Gorkut ata" atly halkara kinofestiwalynyň çäginde geçirildi.



Türkmenistanyň Oguz han adyndaky "Türkmenfilm" birleşigi bilen baglaşylan ähtnama, Aktau bilen Aşgabadyň arasyndaky medeni gatnaşyklara we türk halklarynyň aýdym-saz mirasyny wagyz etmäge ünsi jemlemek bilen, bilelikdäki önümçiligi we döredijilik alyşmalaryny ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Ozal hem habar berşimiz ýaly, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň, şeýle-de Oguz han adyndaky "Türkmenfilm" birleşiginiň döredijilik topary 2025-nji ýylyň 1–5-nji oktýabry aralygynda Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde geçirilen «Gorkut ata» halkara kinofestiwalyna gatnaşdy.

# TÜRKMENISTAN BILEN EÝRANYŇ ministrleriniň telefon söhbetdeşligi




Türkmenistan bilen Eýranyň daşary işler ministrleri Abbas Aragçi bilen Raşid Meredow energetika we ulag pudaklarynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Bu barada Eýranyň metbugat gulluklary habar berdi. Telefon arkaly söhbetdeşlik wagtynda ministrler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki gün tertibini ara alyp maslahatlaşdylar hem-de dürli ugurlarda gatnaşyklary giňeltmegiň ähmiýetine üns berdiler.

Daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary syýasy, ykdysady, ylmy we medeni ugurlarda giň gerimli hyzmatdaşlygy ösdürmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Ministrler yzygiderli geňeşmeleri dowam etdirmek we özara gyzyklanmalary ilerletmek üçin ýakyn aragatnaşygy saklamak barada ylalaşdylar.

# TÜRKMENISTAN BILEN ITALIÝA Rim şäherinde işewürlik forumyny geçirer

2025-nji ýylyň 6 oktýabrynda Rim şäherinde Türkmenistanyň Italiýadaky ilçisi Toýly Kömekow Italiýanyň "Italiýada öndürilen önümler" we kärhanalar boýunça işleri ministri Adolf Urso bilen duşuşdy. Duşuşykda iki ýurduň strategik ähmiýetli ugurlarda – möhüm çig mal, kosmos senagaty, energetika we telekeçilik gurşawyny ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlary boýunça hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy diýip, Italiýanyň degişli edarasy habar berdi.

Bu duşuşyk 24 oktýabrda Rimde geçiriljek işewürlik forumyna taýýarlyk tapgyry boldy. Forumda italýan we türkmen kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşarlar. Ministr Urso Türkmenistanyň bilen gatnaşyklary berkitmegiň ähmiýetini, aýratyn-da möhüm çig mal bilen üpjünçilik ulgamynda hyzmatdaşlygyň möhümdigini belläp, ilçä bilen bu ugurda bilelikdäki taslamalary we maýa goýumlary durmuşa geçirmek mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdy.

Duşuşygyň esasy mowzuklarynyň biri kosmos pudagy boldy. Bu ugurda Italiýa we Türkmenistan hyzmatdaşlygyň institusional hem-de täjirçilik derejelerinde mümkinçilikleriniň bardygyny bellediler. Taraplar iki ýurduň kosmos agentlikleriniň we kompaniýalarynyň arasynda tejribe we tehnologiýa alyş-çalşygyny ýola goýmak üçin tehniki dialogy başlamagyň zerurdygyny ylalaşdylar.

Mundan başga-da, Italiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky senagat hyzmatdaşlygyny ykdysady hyzmatdaşlygyň gurallary, işewürlik missiýalarynyň ilerledilmegi we strategik ugurlardaky kompaniýalaryň çekilmegi arkaly güýçlendirmek taýýarlygy tassyklanyldy.

Şeýle hem şu ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Italiýa sapary meýilleşdirilýändigi bellenilip geçildi. 24-nji oktýabrda Rim şäherinde "Türkmenistanda medeniýetleriň gül açan döwri: bürünç eýýamynyň Margiana we Parfiýa patyşalygy" atly serginiň açylyşy hem meýilleşdirilýär.

# Türkmenistan Türkiýe Respublikasyna täze Baş konsul belledi

2025-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Türkiýedäki (Stambul şäheri) täze bellenen Baş konsuly O. Jumanazarow Türkiýe Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň Stambuldaky wekilhanasynyň ýolbaşçysy Aýşe Sözen Uluýer bilen tanyşdyryldy.



Geçirilen duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhüm meselelerine seredildi, sebit hyzmatdaşlygynyň geljegi uly ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlyk meselelerine aýratyn üns berildi.

Mundan başga-da, türkmen diplomatlary netijeli dialog we ýokary derejeli hyzmatdaşlyk üçin türk tarapyna minnetdarlyk bildirdiler.

Türkiýäniň Daşary işler ministrliginiň wekilhanasynyň ýolbaşçysy öz gezeginde mundan beýläk-de konstruktiw hyzmatdaşlyga we ikitaraplaýyn taslamalary bilelikde durmuşa geçirmäge taýýardygyny tassyklady.

*"Adamzadyň iň uly peýdasy üçin"*

**Alfred NOBEL**




# Lukmançylyk boýunça
## Nobel baýragynyň ýeňijileri belli boldy



Lukmançylyk we fiziologiýa boýunça Nobel baýragy amerikaly alymlar Meri Brunkowa, Fred Ramsdella we ýaponiýaly alym Şimon Sakaguça immun ulgamy boýunça geçiren barlaglary üçin berildi.

Stokgolmdaky Nobel komiteti "Meri E. Brunkow, Fred Ramsdell we Şimon Sakaguti immun ulgamynyň bedene zyýan bermeginiň öňüni alýan periferiýa immun tolerantlygy bilen baglanyşykly täze açyşlary üçin 2025-nji ýylyň fiziologiýa we lukmançylyk boýunça Nobel baýragyna mynasyp boldular" – diýip habar berdi.

Metbugat beýanatynda bellenilip geçilişi ýaly, baýragyň eýeleri immun öýjükleriniň öz bedenine hüjüm etmeginiň öňüni alýan regulator T-öýjüklerini ýüze çykardylar.

Nobel komitetiniň başlygy Olle Kempe: "Olaryň açyşlary immun ulgamynyň nähili işleýändigini we näme üçin ählimizde agyr autoimmun keselleriň döremeýändigini düşünmegimizde möhüm rol oýnady." – diýip, belledi.

Meri Brunkow (d. 1961) Sietldäki Ulgamlaýyn biologiýa institutynda işleýär. Fred Ramsdell (d. 1960) San-Fransiskodaky "Sonoma Biotherapeutics" kompaniýasynyň ylmy ýolbaşçysy. Şimon Sakaguti (d. 1951) bolsa Osaka uniwersitetinde işleýär.

Brunkow, Ramsdell we Sakaguti immun ulgamynyň kadalaşdyrylyşynyň esasy mehanizmlerini öwrenmeklige uly goşant goşdular. 1990-njy ýyllaryň ahyrynda olar biri-birinden garaşsyzlykda regulator T-limfositleriniň (Tregs) autoimmun keselleriniň öňüni almakda möhüm rol oýnaýandygyny anykladylar. Olaryň barlaglary FOXP3 genindäki mutasiýalaryň bu öýjükleriň ýitmegine we immun tolerantlygynyň agyr bozulmalarynyň döremegine getirýändigini görkezdi.

Lukmançylyk we fiziologiýa boýunça baýragyň eýelerini 1810-njy ýylda esaslandyrylan Stokgolmdaky Karolin Instituty saýlaýar. Bu ugur boýunça baýrak 1901-nji ýyldan bäri berilýär.

2024-nji ýylda lukmançylyk we fiziologiýa boýunça Nobel baýragyna Amerikaly alymlar Wiktor Emboros we Gari Rawkan "genleriň kadalaşdyrylmagynda möhüm rol oýnaýan iň kiçi RNK molekulalarynyň täze topary bolan mikroRNK-nyň açylyşy" üçin mynasyp boldular.

**NOBEL HEPDELIGI BAŞLADY**

Fiziologiýa we lukmançylyk boýunça Nobel baýragynyň eýelerini yglan etmek bilen "Nobel hepdeligine" badalga berilýär.

7-nji oktýabrda fizika boýunça baýragyň eýesi yglan ediler, çarşenbe güni himiýa boýunça baýragyň eýesi, penşenbe güni bolsa edebiýat boýunça baýragyň eýesi yglan ediler.

Parahatçylyk baýragynyň eýesi anna güni, 10-njy oktýabrda Oslo şäherinde yglan ediler.

Alfred Nobeliň hatyrasyna ykdysady ylymlar boýunça Şwesiýanyň Banky tarapyndan 1969-njy ýyldan bäri berilýän baýrak bolsa indiki duşenbe, 13-nji oktýabrda yglan ediler.

Baýrak eýelerini sylaglamak dabarasy 10-njy dekabrda Stokgolmda geçirilýär.

# Fizika boýunça
## Nobel baýragyna amerikaly alymlar eýe boldy

2025-nji ýylyň fizika boýunça Nobel baýragy amerikan uniwersitetlerinden bolan kwant fizikasynyň alymlaryna berildi: Beýik Britaniýadan Jon Klark, Fransiýadan Mişel Dewore we ABŞ-dan Jon Martinis bu baýragyň eýeleri boldy.

Jon Klark Berkli şäherindäki Kaliforniýa uniwersitetinde, Jon Martinis Santa-Barbaradaky Kaliforniýa uniwersitetinde, Mişel Dewore bolsa Ýel uniwersitetinde we Santa-Barbarada ylmy barlaglary geçirdi.

Alymlar "makroskopik kwant-mehaniki tunellirlemegiň we elektrik zynjyrynda energiýanyň kwantlaşmagynyň açylmagy" üçin sylaglandy. Nobel komitetiniň bellemegine görä, olaryň barlaglary kwant fizikasynyň amaly görnüşde nähili işleýändigini görkezdi.



2024-nji ýylda fizika boýunça Nobel baýragynyň eýeleri Jon Hopfild we Jeffri Hinton boldular. Olar fizika gurallaryny ulanyp, häzirki zaman emeli nerw torlaryna esas bolan maşyn öwrenişiniň usullaryny işläp düzmekde uly goşant goşdular.

1901-nji ýyldan bäri fizika boýunça Nobel baýragy 118 gezek berildi, ony 226 alym aldy, olaryň diňe bäşisi aýal bolupdyr.

Düýn fiziologiýa we lukmançylyk boýunça Nobel baýragynyň eýeleri hem yglan edildi. Olar ABŞ we Ýaponiýadan bolan alymlar – Meri E. Brunkow, Frederik Ramsdell we Şimon Sakaguçi.

# Himiýa ugry boýunça
## Nobel baýragynyň ýeňijileri yglan edildi



**Stokgolmda Şwed ylymlar akademiýasy 2025-nji ýylyň Himiýa ugry boýunça Nobel baýragynyň ýeňijilerini yglan etdi. Bu kategoriýada Susumu Kitagawa (Ýaponiýa), Riçard Robson (Awstraliýa) we Omar Ýaghi (ABŞ) "metal-organiki karkaslary işläp taýýarlandyklary üçin" ýeňiji boldular.**

**Nobel baýragynyň 2025-nji ýyldaky pul möçberi 11 million şwed kronuny ($1,1 million) düzýär we bu pul üç ýeňijiniň arasynda deň bölüner.**

**Metbugat beýannamasynda: "Himiýa ugry boýunça 2025-nji ýylyň Nobel baýragynyň ýeňijileri gazlar we beýleki himiki birleşmeler geçip bilýän aralykly molekulýar gurluşlary döretdiler. Bu gurluşlar – metal-organiki birleşmeler – çölüň howasyndan suw almak, uglerody tutmak, zäherli gazlary saklamak ýa-da himiki täsirleriň tizligini üýtgetmek üçin ulanylyp bilner" diýilýär.**

**Himiýa boýunça Nobel komitetiniň başlygy Haýner Linke: "Metal-organiki birleşmeler uly mümkinçilige eýedir, olar täze funksiýaly, sargyt esasynda taýýarlanan materiallar üçin ozal görülmedik mümkinçilikleri döredýär" diýip düşündirdi.**

# Edebiýat boýunça
## Nobel baýragyna wengriýaly ýazyjy mynasyp boldy



**2025-nji ýylyň edebiýat boýunça Nobel baýragy wengriýaly ýazyjy Lásló Krasnahorkai berildi diýip, Stokgolmdaky Nobel komiteti habar berdi.**

**Bu ýazyjynyň döredijiligi üçin ilkinji sylagy däl. Wenger ýazyjysy mundan ozal, köp sanly baýraklaryň eýesi boldy. Ol Halkara Buker baýragyny (2015), Amerikanyň Milli kitap baýragyny (terjime edilen edebiýat üçin, 2019) we Wengriýanyň iň ýokary döwlet sylagy – Koşut baýragyny (2004) gazandy.**

**2024-nji ýylda edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi günorta koreýaly ýazyjy Han Gan bolupdy.**

# Müsür dünýä çempionatyna gatnaşmak hukugyna eýe boldy



Müsüriň futbol boýunça milli ýygyndysy 2026-njy ýylda geçiriljek futbol boýunça dünýä çempionatyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Mohammed Salahly Müsüriň ýygyndysy Jibutiniň ýygyndysyny 3:0 hasabynda ýeňip, dünýä çempionatyna gatnaşmak hukugyna eýe bolan 19-njy ýygyndy boldy.

Duşuşykda 2 gol geçiren Mohammed Salah ýygyndysyny dünýä çempionatyna çykarmak mümkinçiligine eýe boldy.

Müsüriň ýygyndysy dünýä çempionatyna gatnaşmak hukugyna eýe bolan 19-njy ýygyndydyr. Mundan ozal, Meksika, Kanada we ABŞ-nyň bilelikde gurnaýan dünýä çempionatyna – Ýaponiýa, Eýran, Günorta Koreýa, Iordaniýa, Awstraliýa, Özbegistan, Täze Zelandiýa, Argentina, Ekwador, Braziliýa, Kolumbiýa, Urugwaý, Paragwaý, Marokko we Tunis gatnaşmak hukugyna eýe bolan ýurtlardyr.

Dünýä çempionaty 2026-njy ýylda 11-nji iýun-19-njy iýulda geçiriler. Çempionata 48 ýurduň milli ýygyndysy gatnaşar.

# Russiýadan Gazagystana täze gaz geçirijisi gurlar



Iş duşuşygynyň çäklerinde "Gazprom" açyk paýdarlar jemgyýetiniň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Alekseý Miller bilen Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministriniň birinji orunbasary Roman Sklýar tebigy gaz pudagyndaky hyzmatdaşlygyň ösüş mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Bu barada rus kompaniýasy habar berdi.

Taraplar Gazagystanyň tebigy gaza bolan artýan islegini göz öňünde tutup, uzak möhletleýin hyzmatdaşlyga gönükdirilendiklerini bellediler.

Gazagystan gazynyň Russiýada uzak möhletleýin gaýtadan işlenmeginiň esasy şertleri boýunça ylalaşyga gol çekildi. Resminama Karaçaganak käniniň gazyny Orenburg gazy gaýtadan işleýiş zawodynyň kuwwatlyklarynda gaýtadan işlemek babatda hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyklary öz içine alýar. Russiýanyň bu zawodyny gaýtadan döwrebaplaşdyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Gazagystan gazynyň Russiýada uzak möhletleýin gaýtadan işlenmeginiň esasy şertleri boýunça ylalaşyk baglaşyldy

Russiýadan Gazagystana täze esasy gaz geçirijisini gurmak taslamasyny durmuşa geçirmek boýunça özara düşünişmek ähtnamasyna hem gol çekildi.



# Bolliwudyň super ýyldyzy Şahruh HAN milliarderler klubuna goşuldy

**Bolliwudyň super ýyldyzy Şahruh Han "Hurun India Rich List 2025" sanawyna görä, takmynan $1.4 milliard dollar baýlygy bilen Hindistanyň iň baý sungat işgäri bolup, milliarderler klubuna goşuldy.**

**Aktýoryň baýlygy indi Arnold Şwarsenegeriň, aýdymçylar Riannyň we Teýlor Swiftiň, şeýle hem golfçy Taýger Wudsyň baýlygy bilen deňeşdirilýär.**

**59 ýaşyndaky Han köp sanly uly göwrümli çeper filmleriň, global mahabat şertnamalarynyň, prodýuserlik taslamalarynyň we Hindistanyň Premýer Ligasyndaky "Kolkata Knight Riders" toparynyň eýeçiliginiň utgaşmasy netijesinde 12,490 kror (rupiýa) gowrak arassa baýlyk toplady.**

**Bu hindi kino senagaty üçin uly üstünlik bolup, Bolliwudyň aktýorlarynyň ilkinji gezek milliarderler hataryna girmegidir. Metbugat habarlaryna görä, Hanyň baýlygy amerikaly aýdymçy Teýlor Swift ýaly birnäçe halkara sungat işgärlerinden hem ýokarydyr.**

**Köp wagtdan bäri "Bolliwudyň hany" diýlip atlandyrylýan aktýor, 30 ýyldan gowrak dowam eden karýerasyna goşmaça, bu ýyl ilkinji Milli Kino baýragyny hem gazandy.**

**Ol "Red Chillies Entertainment" atly prodýuserlik öýünden, uzak wagtlyk brend şertnamalaryndan we geçen ýylky "Jawan" ýaly köp girdeji getiren filmlerinden hem girdeji almaga dowam edýär.**

**Şahruh Han hindi kinosyny söýüjileriň arasynda 30 ýyldan gowrak wagt bäri meşhurdyr. Oňa esasy girdejini "Red Chillies Entertainment" prodýuserlik kompaniýasy we özüniň "Knight Rider Sports" kriket kluby getirýär. Goşmaça girdeji çeşmeleri – filmlere we mahabatlara gatnaşmak, şeýle hem gozgalmaýan emläklere maýa goýumlarydyr.**



**Bu ýyl "Hurun" reýtingine ýene-de dört sany Bolliwud ýyldyzy maşgalalary bilen goşuldy. Ikinji orny Hanyň birnäçe filmdäki hyzmatdaşy, aktrisa Juhi Çawla $880 million baýlyk bilen eýeleýär. Üçünji orunda Ritik Roşan ($260 million) durýar, şondan soň režissýor Karan Johar (takmynan $200 million) we aktýor Amitabh Baççan maşgalasy bilen (takmynan $183 million) gelýär.**

**Umuman alanyňda, 2025-nji ýylda Hindistandaky milliarderleriň sany 350 adamdan geçdi. "Hurun India" sanawynyň başyny Mukes Ambani we Gautam Adani çekýär.**

# Kristiano RONALDO taryhdaky ilkinji milliarder futbolcy boldy

**Saud Arabystanynyň "Al-Nasr" toparynyň we Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň hüjümçisi Kristiano Ronaldo 1 milliard amerikan dollaryndan gowrak baýlygy bolan ilkinji futbolçy boldy diýip, "Bloomberg" habar berýär.**

**Geçen tomus 40 ýaşly oýunçy "Al-Nasr" topary bilen möçberi $400 milliondan gowrak bolan täze şertnama baglaşdy. Mahabat şertnamalaryndan alýan girdejilerini hasaba almak bilen, Ronaldonyň baýlygy $1,4 milliard dollara deňelýär.**

**Ronaldo bäş gezek "Altyn topuň" eýesi, bäş gezek Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi, Ýewropa çempiony, iki gezek Milletler Ligasynyň ýeňijisi, milli ýygyndylaryň, Ýewropa çempionatlarynyň, Çempionlar Ligasynyň, Klublar dünýä çempionatynyň taryhynda iň köp gol geçiren futbolçysydyr.**



# Fabio Kannawaro Özbegistanyň milli ýygyndysynyň baş tälimçisi boldy




Özbegistanyň Futbol Assosiasiýasy soňky ýyllarda dünýä futbolynyň öňdebaryjy şahsyýetleriniň biri, üç gezek Dünýä çempionatyna gatnaşan, 2006-njy ýyldaky Dünýä çempionatynyň ýeňijisi we Italiýanyň ýygyndysynyň öňki kapitany Fabio Kannawaro bilen şertnama baglaşdy. Assosiasiýanyň maglumatyna görä, italýan hünärmeni milli ýygyndyny ABŞ-da, Kanada-da we Meksika-da geçiriljek 2026-njy ýylyň Dünýä çempionatyna taýýarlar.

F. Kannawaronyň tälimçilik toparyna şular girdi:

Eugenio Albarella – baş türgeniň kömekçisi (Ýaponiýanyň ýygyndysy, "Yuwentus", "Udineze" we "Dinamo Zagreb" klublary bilen işledi);

Françesko Troize – fiziki taýýarlyk boýunça türgen ("Benewento", "Udineze" we "Dinamo Zagreb" toparlary bilen işledi);

Antonio Kimenti – derwezeçileriň türgeni (Italiýanyň ýaşlar ýygyndysy, "Sampdoria" we "SPAL" toparlary bilen işledi).

**KANNAWARO BARADA...**

Öňki italýan futbol ýyldyzy Fabio Kannawaro futbolyň taryhyndaky iň güýçli goragçylaryň biri hökmünde bellidir. 2006-njy ýylda Italiýanyň ýygyndysynyň düzüminde ol dünýä çempiony boldy we futbol dünýäsindäki iň abraýly baýrak bolan "Altyn topa" eýe boldy.

Kannawaro 12 ýyllyk tälimçilik işiniň dowamynda italýan hünärmeni bäş ýurtda, şol sanda Hytaýyň "Guangzhou" we "Tianjin", Saud Arabystanynyň "Al-Nasr", Italiýanyň "Benewento" we "Udinese", şeýle hem Zagrebiň "Dinamo" klublarynda tälimçilik etdi. Ýeke-täk üstünligi 2019-njy ýylda "Guangzhou" bilen Hytaý çempionlygyny gazanmagy boldy.

# Jeki Çanyň täze kinosy Gazagystanda surata düşürer




Tanymal hytaýly aktýor Jeki Çanyň meşhur "Taňrynyň esbaplary" ("Доспехи Бога") atly çeper filiminiň 4-njisi Gazagystanda surata düşüriler. Bu barada, şol sanda "Salem Entertaiment" mediakompaniýaýs habar berdi.

Golaýda meşhur aktýor Gazagystanda saparda bolup, özüniň täze filminiň düşüriljek ýerleri barada maglumat aldy.

– Biz Jeki Çanyň Almaty şäherine geleniniň uly seslenme döredendigini bilýäris. Gürrüň täze film – "Taňrynyň esbaplary: Ultimatum" atly filmiň üstünde işlemek barada gidýär" diýip, kompaniýa jemgyýetçilik torlarynda habar berdi.

Jeki Çanyň bu filminiň ilkinjisi 1986-njy ýylda surata düşürilipdi. Şondan soňra bu filmiň ýene-de 2-si surata düşürildi we olar tutuş dünýäde tomaşaçylarda uly gyzyklanma döretdi.




